#07 (29)
понедельник, 15 февраля 2021 года

# Интернет газета
# Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ DAŞARY SYÝASATY «AÇYK GAPYLAR» WE OŇYN BITARAPLYK ÝÖRELGELERINE ESASLANÝAR

9-njy fewralda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow sanly wideoaragatnaşyk arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň daşary syýasat ugruny amala aşyrmak boýunça geçen 2020-nji ýylda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi hem-de şu ýyl üçin ileri tutulýan wezipeler kesgitlenildi.

Maslahata Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň käbir orunbasarlary, degişli düzümleriň hem-de ugurdaş ýokary okuw mekdepleriniň ýolbaşçylary gatnaşdylar.

Türkmenistanyň Prezidenti gün tertibini yglan edip, Bitarap döwletmiziň Garaşsyzlygyny alanyna şu ýyl 30 ýyl dolýandygyny belledi. Geçen şu döwrüň içinde Türkmenistan parahatçylygy söýüji ygtybarly hyzmatdaş döwletdigini bütin dünýä äşgär edip, özbaşdaklyk syýasatyny gyşarnyksyz ýöredip geldi.

Häzirki döwürde hem Bitarap döwletimiziň daşary syýasat ugruny durmuşa geçirmek, parahatçylygy söýüji, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ösdürmek, «açyk gapylar» ýörelgesini amala aşyrmak boýunça köp tagallalar edilýär diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow nygtady. Bu ugurda Daşary işler ministrligi, beýleki döwletlerdäki ilçihanalarymyz we konsullyklarymyz uly işleri alyp barýarlar.

Olar ata Watanymyza mynasyp wekilçilik edip, gazanýan üstünliklerimizi giňden dünýä ýaýýarlar, Bitaraplyk syýasatymyzy iş ýüzünde amala aşyrýarlar. Hoşniýetli hyzmatdaş hökmünde Bitarap Türkmenistanyň halkara abraýyny barha artdyrýarlar.

Eýsem, berkarar döwletimiziň daşary syýasatda gazanan üstünliklerini has-da berkitmek, Türkmen döwletiniň dünýädäki at-abraýyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmak üçin geljekde haýsy ugurlara aýratyn üns bermeli, daşary ýurtlar bilen syýasy, ykdysady, medeni - ynsanperwer gatnaşyklary mundan beýläk nädip ösdürmeli?

Bitarap döwlet hökmünde Ýer ýüzünde parahatçylygy gorap saklamak, halklaryň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmek, häzirki döwrüň howplaryna we wehimlerine garşy göreşmek üçin bilelikde nähili hereket etmeli? Halkara guramalary bilen gatnaşyklarymyzy nähili täzeçe guramaly? Şu gün şu soraglary ara alyp maslahatlaşarys diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we maslahata gatnaşyjylara söz berdi.

Ilki bilen Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň direktory Ý.Nuryýewe söz berdi. Ol institut tarapyndan 2020-nji ýylda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri hem-de şu ýyl üçin bellenen meýilnamalar barada hasabat berdi.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasynyň» hem-de «Türkmenistanda durmuş-ynsanperwer ylymlary ösdürmegiň döwlet maksatnamasynyň» düzgünnamalaryna laýyklykda, institut kanunçylygy işläp taýýarlamak we hukuk ulgamyny kämilleşdirmek boýunça işleri dowam edýär. Şunda ýokary derejeli hünärmenleriň taýýarlanylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär.

Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory J.Gurbangeldiýew Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa 2020-nji ýylda ýerine ýetirilen işler hem-de «Türkmenistan - parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» şygary astynda geçýän şu ýubileý ýylynda bellenen meýilnamalar barada hasabat berdi.

Institutda Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasyny we diplomatiýasyny ylmy esasda öwrenmek babatda meýilnamalaýyn alnyp barylýan ylmy-barlag işleriniň netijesinde, daşary syýasatyň we diplomatiýanyň derwaýys meseleleri boýunça okuw kitaplary hem-de gollanmalar, sözlükler, ylmy monografiýalar yzygiderli neşir edilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň tabşyrygyna laýyklykda, institutyň gurluşy yzygiderli döwrebaplaşdyrylyp, soňky ýyllaryň dowamynda ýurdumyzyň diplomatik gullugy üçin administratiw-tehniki işgärleri taýýarlamak boýunça okuw merkezi, Durnukly ösüş maksatlary boýunça ylmy-usulyýet merkezi, Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlary boýunça Okuw merkezi açyldy.

Soňra hasabat bermek üçin Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň rektory E.Aýdogdyýewe söz berildi.

Döwlet maksatnamalaryna laýyklykda, ýokary okuw mekdebinde milli we halkara derejede ylmy-barlag hyzmatdaşlygyny ösdürmek, bilim işinde sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça işler alnyp barylýar, ýaşlaryň watançylyk terbiýesine uly üns berilýär. 2020-nji ýylda uniwersitetde ylmy-mugallymçylyk işgärlerini taýýarlamak, ylmy-barlag işlerini alyp barmak, ýaş alymlary ýetişdirmek, dünýäniň abraýly ýokary okuw mekdepleriniň sanawyna goşmak boýunça işler amala aşyryldy. Ýokary okuw mekdebiniň wekilleri dürli ylmy bäsleşiklerde baýrakly orunlara mynasyp boldular.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow hasabatlary diňläp, döwletimiziň we jemgyýetimiziň ösüşiniň esaslaryny öwrenmäge hem-de ylmy seljermesine, Bitarap Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatyna, mähriban halkymyzyň taryhy-medeni gymmatlyklaryny hem-de däp-dessurlaryny wagyz etmäge berilýän ünsüň örän wajypdygyny nygtady.

Döwlet Baştutanymyz ýokary okuw mekdepleriniň rektorlarynyň alyp barýan ylmy işleri bilen gyzyklanyp, ýolbaşçylaryň hemişe öz talyplary üçin mynasyp görelde bolmalydygyny nygtady.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ylym-bilim işini işjeňleşdirmegiň, mowzuklaýyn monografiýalary, döwletimiziň bähbitlerine mynasyp wekilçilik etmäge, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe gazanylýan uly üstünlikleri wagyz etmäge ukyply ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak üçin okuw kitaplaryny işläp taýýarlamagyň wajypdygyny belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow DIM-niň 2020-nji ýylda alyp baran işleriniň netijeleri barada hasabat berdi.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasyny durmuşa geçirmek, daşary ýurtlar we halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň öňde goýan wezipelerini çözmek maksady bilen, degişli işleriň geçirilendigi bellenildi.

Garalýan döwürde döwlet Baştutanymyz resmi sapar bilen Azerbaýjan Respublikasynda boldy, onlaýn görnüşde geçirilen birnäçe duşuşyklara we ýokary derejeli maslahatlara gatnaşdy hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde wideo ýüzlenme bilen çykyş etdi.

Geçen ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyza iş sapary bilen gelen Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministr bilen duşuşyk geçirdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Baş sekretary hem-de daşary döwletleriň ýolbaşçylary bilen telefon arkaly söhbetdeşligi geçirildi, şolaryň barşynda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklaryň ileri tutulýan meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli daşary syýasatyny amala aşyrmakda, daşary ýurt döwletleri bilen syýasy, söwda-ykdysady, ylym-bilim, medeni-ynsanperwer we beýleki ugurlardaky gatnaşyklaryny ösdürmekde we berkitmekde, daşary ýurtlarda Türkmenistanyň döwlet bähbitlerini, daşary ýurtlardaky Türkmenistanyň raýatlarynyň hem-de ýuridik şahslarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakda we ýurdumyzyň abraýly halkara guramalary bilen netijeli gatnaşyklaryny giňeltmekde şahsy goşandyny goşan Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işgärlerini sylaglamak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, «Türkmenistanyň ussat diplomaty» diýen tapawutlandyryş nyşany döredildi hem-de bu nyşan hakyndaky Düzgünnama, nyşanyň ýazgysy hem-de şahadatnamasynyň nusgasy tassyklanyldy.

***(TDH)***



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ DAŞARY SYÝASATY «AÇYK GAPYLAR» WE OŇYN BITARAPLYK ÝÖRELGELERINE ESASLANÝAR

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

Hasabat döwründe wideo görnüşinde dürli duşuşyklar geçildi. Ýurdumyzyň halkara gatnaşyklarynyň hukuk binýadyny pugtalandyrmak maksady bilen resminamalaryň toplumyna gol çekildi.

Geçen ýyl daşary syýasat edaralaryň we diplomatik wekilhanalaryň ugry boýunça ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek babatda yzygiderli çäreler görüldi. Şeýle hem daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli söwda-ykdysady gatnaşyklary berkitmek we ösdürmek boýunça maksadalaýyk işler amala aşyryldy. Ikitaraplaýyn hökümetara toparlarynyň hem-de beýleki degişli düzümleriň birnäçe mejlisleri,-daşary ýurtlaryň işewür toparlarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda bilelikdäki işewürlik maslahatlary geçirildi.

Soňra daşary işler ministriniň orunbasary W.Hajyýew döwlet Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa Türkmenistanyň bitaraplyk ýörelgelerine esaslanan, ählumumy parahatçylygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge, halkara gatnaşyklar ulgamynda eýeleýän ornumyzy berkitmäge gönükdirilen daşary syýasat strategiýasyny durmuşa geçirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň işiniň hil taýdan täze häsiýete eýe bolandygy bellenildi. Şeýle hem Türkmenistan bilen sebitiň beýleki döwletleriniň arasynda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn syýasy, söwda-ykdysady hem-de medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berildi.

Soňra daşary işler ministriniň orunbasary B.Mätiýew 2021-nji ýylyň dowamynda Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy, hemişelik Bitaraplygynyň 25 ýyllygy hem-de şu ýylyň «Türkmenistan - parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilmegi mynasybetli, ýurdumyzda we daşary ýurtlarda geçirilmegi meýilleşdirilýän çäreleri hem-de dabaralary ýokary derejede guramak maksady bilen, Daşary işler ministrligi tarapyndan ýurdumyzyň degişli ministrlikleri hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen bilelikde işlenip taýýarlanylan ýörite maksatnama barada hasabat berdi. Bu maksatnamada görkezilen çäreleri we dabaralary ýokary derejede geçirmek boýunça şu günden başlap toplumlaýyn işler alnyp barylýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow hasabatlary diňläp, Türkmenistanyň döwletara derejesinde dostlukly gatnaşyklary hem-de köptaraply hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürjekdigini, abraýly halkara sebit guramalary bilen oňyn gatnaşyklary giňeltjedigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti DIM-niň ýolbaşçylaryna anyk tabşyryklary berdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň maliýe meselelerini öz wagtynda çözmek hem-de işgärleriň netijeli işlemegi üçin degişli şertleri üpjün etmek maksady bilen, şol meseleleri yzygiderli seljermegiň zerurdygy barada görkezme berdi. Olaryň işlerinde öňdebaryjy tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagyna aýratyn üns berilmelidir.

Türkmenistanyň Prezidenti iş maslahatynyň jemini jemläp, döwletimiziň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy baýram edilýän «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda daşary syýasatymyzy amala aşyrmak boýunça işleri has-da güýçlendirmek üçin, hemmeleriň örän köp we tutanýerli işlemelidigini nygtady.

Bular barada aýtmak bilen, döwlet Baştutanymyz Garaşsyz, Bitarap Türkmen döwletiniň alyp barýan hoşniýetli daşary syýasatyny bütin dünýä giňden açyp görkezmegiň wajypdygyny belledi hem-de şunuň bilen baglylykda, maslahata gatnaşyjylara anyk tabşyryklary berdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň hem-de Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň rektorlary J.Gurbangeldiýewe hem-de E.Aýdogdyýewe ýüzlenip, Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işgärleriniň ýokary hünär derejeli bolmagynyň we zehinli ýaş diplomatlary taýýarlamagyň şu ýokary okuw mekdepleriniň baş maksatlarynyň biri bolmalydygyny nygtady.

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz häzirki döwrüň talabyna laýyklykda, bu ýokary okuw mekdeplerinde täze hünär ugurlaryny açmagyň ýagdaýyny seljermegi, hususan-da, geljekde dürli sebitler, şol sanda Gündogary öwreniş, Amerika we Ýewropa ýurtlary, sanly diplomatiýa, kiberhowpsuzlyk, seljeriş we strategik meýilleşdiriş boýunça ýöriteleşen hünärmenleri taýýarlamagyň mümkinçiligini öwrenmegi tabşyrdy.

Bilim bermek ulgamynda innowasion we sanly tehnologiýalary giňden ulanmak bilen, ylmy-pedagogik düzümiň ýokary derejede taýýarlykly bolmagy gazanylmalydyr. Şonuň üçin mugallymlaryň hünär taýdan kämilligine uly üns berilmelidir. Türkmenistanyň Prezidenti bu ugurda daşary ýurtly hyzmatdaş okuw mekdepleri bilen tejribe alşyp, zerur bolanda hünäri kämilleşdiriş okuwlaryna gatnaşmagyň üpjün edilmelidigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz ýokary okuw mekdeplerinde däp bolan okuw sapaklary bilen bilelikde, «onlaýn» sapaklaryny hem guramagy, talyplaryň dürli ylym-bilim bäsleşiklerine, olimpiadalara gatnaşmagyny üpjün etmegi, ýokary bilim bermek üçin, okuw işine belli daşary ýurt alymlaryny we diplomatlaryny dürli ugurlar boýunça leksiýalary okamak üçin çagyrmagy, bu ugurda internet tehnologiýalaryny netijeli ulanmagy tabşyrdy.

Dünýädäki öňdebaryjy tejribeleri öwrenip, zerur bolan halatynda okuw meýilnamalaryna gaýtadan seretmek, şu ugurda talyplaryň dil taýdan taýýarlygyna aýratyn üns bermek, bu işde innowasion we sanly tehnologiýalardan ýerlikli peýdalanmak zerurdyr diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow nygtady.

Türkmenistanyň ulag, energetika, suw, ylym we sport diplomatiýasynyň ylmy esaslaryny işläp düzmek we açyp görkezmek maksady bilen, professor - mugallymlaryň hem-de talyplaryň bu ugurda alyp barýan ylmy-barlag işleriniň gerimini giňeltmek zerurdyr.

Döwlet Baştutanymyz bu mesele baradaky gürrüňi dowam edip, ýokary okuw mekdeplerinde internet žurnalistikasy we syýasy kommunikasiýa boýunça täze sapaklary girizmegi, beýleki zerur bolan täze hünärleri açmak boýunça teklipleri taýýarlamagy tabşyrdy. Halkara hukugy boýunça bilim alýan talyplar üçin halkara ykdysady gatnaşyklarynyň meselelerini çözmek we halkara arbitraž ugry boýunça täze sapaklary we amaly okuwlary girizmek mümkinçiligine seretmek wajypdyr.

Türkmenistanyň Prezidenti şeýle hem halkara işi boýunça ýaş hünärmenlerde hünär ussatlygy bilen birlikde, Watana wepalylyk, päk ahlaklylyk, ýokary ynsanperwerlik we belent adamkärçilik häsiýetlerini terbiýelemegiň möhümdigini nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Daşary işler ministrliginiň öňünde durýan wezipelere geçip, wise-premýer, daşary işler ministri R.Meredowa we beýleki degişli ýolbaşçylara Türkmenistanyň bitaraplyk, parahatçylygy söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we ynsanperwerlik ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatyny has-da giňden amala aşyrmak babatda tabşyryk berdi. Bitarap döwletimiziň daşary syýasatyny ýurdumyzyň 2017–2023-nji ýyllary öz içine alýan daşary syýasat ugrunyň Konsepsiýasyna laýyklykda alyp barmaly. Şeýle hem Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2023–2029-njy ýyllar üçin Konsepsiýasyny taslamasyny işläp taýýarlamak boýunça işlere häzirden başlamaly diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Türkmenistanyň Prezidenti dünýä döwletleri we halkara guramalary bilen deňhukukly hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ösdürmek boýunça zerur çäreleri geçirmegiň wajypdygyny nygtady. Şundan ugur alyp, şu ýylyň birinji çäýreginiň ahyryna çenli halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmegiň 2021–2023-nji ýyllar üçin meýilnamasynyň taslamasyny taýýarlamak zerurdygyny nygtady.

Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň dünýädäki ornuny we abraýyny berkitmek hem-de beýleki döwletler bilen gatnaşyklarda ýurdumyzyň milli bähbitlerini goramak boýunça alnyp barylýan işleri has-da güýçlendirmek tabşyryldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygy, şu ýylyň «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilmegi mynasybetli, ýurdumyzda we daşary ýurtlarda çäreleriň hem-de maslahatlaryň ýokary derejede geçirilmeginiň üpjün etmegiň ähmiýetini belledi.

Şunuň bilen birlikde, döwlet Baştutanymyz Birleşen Milletler Guramasy we onuň edaralary bilen hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirmegi, bu guramanyň halkara parahatçylygyny, howpsuzlygy we ösüşi pugtalandyrmaga gönükdirilen Kararnamalaryny hem-de beýleki resminamalaryny taýýarlamaga işjeň gatnaşmagy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ýewropada Howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy ýaly abraýly halkara guramalary bilen döwletimiziň bähbitlerine gabat gelýän hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny öwrenmegi ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda görkezdi.

Türkmenistanyň daşary ykdysady işini maksatnamalaýyn esasda ösdürmek boýunça degişli tabşyryklar berildi. Şu maksat bilen, daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary bilen ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak hem-de içerki mümkinçilikleri ýokary derejede peýdalanmak boýunça çäreleri yzygiderli durmuşa geçirmek zerurdyr.

Türkmenistanyň Prezidenti sebitdäki ykdysady ýagdaýlary seljerip, ýurdumyzyň Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy bilen geljekde alyp barjak hyzmatdaşlygyna täzeçe çemeleşmek bilen, anyk teklipleriň taýýarlanylmalydygyny belledi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow wise-premýere, DIM-iň ýolbaşçysyna degişli döwlet edaralary bilen bilelikde daşary ýurtlarda söwda wekilhanalarymyzy açmak üçin hem teklipleri bermegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, Bitarap döwletimiziň başlangyjy bilen öňe sürlen we iri halkara guramalarynda goldawa eýe bolan teklipleriň hem-de halkara derejesinde kabul edilen çözgütleriň, şol sanda Birinji Hazar ykdysady forumynyň netijeleriniň üstünlikli durmuşa geçirilmegini gazanmak zerurdyr.

Aral deňzi bilen bagly ýüze çykýan zyýanly täsirleri azaltmak babatda sebit ýurtlary bilen anyk maksada gönükdirilen işleriň depgini güýçlendirilmelidir. Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti Hazar deňziniň mümkinçiliklerini ulanmakda Hazarýaka döwletleri bilen zerur hukuk binýadyny we meýilnamalary taýýarlamak işleriniň dowam etdirilmelidigini nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny artdyrmak we pugtalandyrmak üçin, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna amatly şertlerde daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge ýardam bermegiň wajypdygyny belledi.

Ykdysady, söwda, maýa goýumlar, ylym-bilim we tehnika, medeniýet hem-de beýleki ugurlary öz içine alýan, daşary ýurt döwletleri bilen Türkmenistanyň arasynda döredilen ikitaraplaýyn hökümetara toparlarynyň işjeňligi ýokarlandyrylmalydyr. Bu toparlarda daşary ýurt işewürleri bilen gatnaşyklary has-da giňeltmäge, täze tehnologiýalary ornaşdyrmaga, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge uly üns berilmelidir.

Türkmenistanyň beýleki döwletlerdäki diplomatik wekilhanalary, ýurdumyzyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan daşary ýurtlardan uly möçberde harytlar, enjamlar, ýörite tehnikalar satyn alnanda, öndürijiler bilen göni hyzmatdaşlyk ýola goýulmalydyr. Döwlet Baştutanymyz bu önümleri amatly bahalardan satyn almakda we zerur maglumatlary alyşmakda olara ýardam etmelidigini aýtdy.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow aýdylanlary jemläp, ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň iş ugurlaryny döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirip, maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak hem-de maliýe-ykdysady ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça hem zerur işleri geçirmek boýunça tabşyryklary berdi.

Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow garamagyna «Türkmenistanyň ussat diplomaty» diýen tapawutlandyryş nyşanyny döretmek hakyndaky» kararyň taslamasy hödürlenildi.

Ýokarda agzalan tapawutlandyryş nyşany barada aýdylanda bolsa, bu nyşan bilen Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny amala aşyrmakda, daşary ýurt döwletleri bilen dürli ugurlarda gatnaşyklary ösdürmekde we berkitmekde ýurdumyzyň abraýly halkara guramalary bilen netijeli gatnaşyklaryny giňeltmekde şahsy goşandyny goşan diplomatik gullugyň işgärleri sylaglanar.

Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekip we şu mynasybetli türkmen diplomatlarynyň ählisini gutlap, ony wise-premýere, DIM-niň ýolbaşçysyna elektron resminama dolanyşygy arkaly iberdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň Prezidentine «Türkmenistanyň ussat diplomaty» diýen tapawutlandyryş nyşanyny döredendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyzyň bu çözgüdiniň ýurdumyzyň diplomatik düzümi üçin şanly wakadygyny nygtady.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidentiniň yzygiderli goldawy netijesinde, türkmen diplomatlarynyň üstünlikli işlemegi üçin ähli zerur şertler döredildi. Diplomatik gullugyň hukuk binýady yzygiderli pugtalandyrylýar hem-de kämilleşdirilýär, onuň işine öňdebaryjy tehnologiýalar işjeň ornaşdyrylýar. Degişli düzüm döwrebaplaşdyrylýar, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalary üçin täze binalar gurulýar. Diplomatik işgärleriň, olaryň maşgalalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertleri yzygiderli gowulandyrylýar.

Wise-premýer, daşary işler ministri döwlet Baştutanymyza şu günki duşuşyk hem-de öňde goýlan wezipeleri çözmek boýunça gymmatly öwüt-ündewleri hem-de maslahatlary üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, ýurdumyzyň diplomatik düzüminiň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň daşary syýasy ugruny birkemsiz durmuşa geçirmek, onuň halkara abraýyny has-da artdyrmak, Türkmenistanyň Prezidentiniň öňe sürýän netijeli başlangyçlaryny durmuşa geçirmek üçin ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

***

11-nji fewralda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow sanly wideoaragatnaşyk arkaly Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki giňişleýin mejlisini geçirdi.

Mejlisiň dowamynda Türkmenistanyň Prezidenti döwlet dolandyryş ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek, Hökümetiň işini has-da gowulandyrmak maksady bilen, Ministrler Kabinetiniň düzümine Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň ýene-de bir orunbasarynyň wezipesini girizmek, ony Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalygyna hem-de Ýokary gözegçilik edarasynyň baştugy wezipesine bellemek barada karara gelendigini aýtdy.

Täze wise-premýeriň wezipesi döwlet we jemgyýetçilik gurluşynda, bilim hem-de saglygy goraýyş, maliýe-ykdysady ulgamlarda sanly ulgamy we innowasion tehnologiýalary doly derejede ösdürmegi hem-de bu işlere gözegçiligi üpjün etmekden ybaratdyr. Döwlet Baştutanymyz bu ulgamlar ykdysadyýetiň önümçilik we dolandyryş ulgamlaryna hem-de jemgyýetçilik durmuşyna or-

*(Dowamy 3-nji sahypada).*

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ DAŞARY SYÝASATY «AÇYK GAPYLAR» WE OŇYN BITARAPLYK ÝÖRELGELERINE ESASLANÝAR

***(Başlangyjy 2-nji sahypada).***

naşdyrmagyň wajypdygy barada aýdyp, gurluşyk pudagyny mysal getirdi.

Hökümetiň kömek bermegini we gözegçilik etmegini talap edýän ýene-de çözülmeli köp meseleler bar. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň Prezidenti Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň ýene-de bir orunbasarynyň wezipesiniň girizilmeginiň döwletimiziň öňünde häzirki döwürde şol agirt uly wezipeleri çözmäge kömek etjekdigine ynam bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzasy wezipelerine Serdar Berdimuhamedowy belläp, ony senagat we gurluşyk önümçiligi ministri wezipesinden boşatdy.

Türkmenistanyň Prezidenti täze wise-premýeriň esasy işiniň önümçiligiň ähli pudaklarynda, dolandyryşda we jemgyýetiň durmuşynda sanly ulgamy we innowasion tehnologiýalary doly ösdürmegi hem-de ornaşdyrmagy üpjün etmekden ybaratdygyny aýdyp, oňa jogapkärli wezipesinde üstünlikleri arzuw etdi.

***

12-nji fewralda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Onda Hökümetiň 2020-nji ýylda hem-de şu ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijelerine garaldy. Wise-premýerleriň, birnäçe ministrleriň, welaýatlaryň häkimleriniň hasabatlary diňlenildi hem-de şu ýyl üçin ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Mejlisiň barşynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň daşary syýasy ugruny yzygiderli durmuşa geçirmek bilen baglylykda, Daşary işler ministrligi tarapyndan 2020-nji ýylda hem-de 2021-nji ýylyň ýanwarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Geçen ýylda Türkmenistanyň Prezidenti Azerbaýjan Respublikasynda resmi saparda boldy hem-de ýurdumyza iş sapary bilen gelen Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministri bilen duşuşdy. Hasabat döwründe döwlet Baştutanymyz onlaýn tertibinde geçirilen ýokary derejeli duşuşyklaryň we forumlaryň birnäçesine gatnaşdy, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisine wideoýüzlenme bilen çykyş etdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş sekretary we daşary ýurt döwletleriniň ýolbaşçylary bilen telefon arkaly söhbetdeşlikleri geçirildi. Olaryň barşynda umumy bähbitlere laýyk gelýän ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Wise-premýer, daşary işler ministri 2021-nji ýylyň ýanwar aýynyň netijeleri barada hasabat berip, şu döwürde bolan wakalaryň ähmiýetini nygtady. Şolaryň hatarynda Türkmenistanyň we Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidentleriniň gatnaşmagynda teleköpri arkaly Akina-Andhoý beketleriniň arasyndaky demir ýol böleginiň, Kerki-Şibirgan ugry boýunça elektrik geçirijisiniň hem-de Ymamnazar-Akina we Serhetabat-Turgundy ugry boýunça halkara optiki-süýümli aragatnaşyk hem-de üstaşyr akymlarynyň ulanylmaga tabşyrylmagy mynasybetli gurlan dabara bar. Şu mynasybetli geçirilen dabaralara teleköpri arkaly Prezidentler Gurbanguly Berdimuhamedow we Muhammad Aşraf Gani gatnaşdylar.

Ýene-de bir möhüm waka Türkmenistanyň Hökümetiniň we Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Hazar deňzinde «Dostluk» ýatagynyň uglewodorod serişdelerini bilelikde gözlemek, işläp geçmek we özleşdirmek barada özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama gol çekmek dabarasy bilen baglanyşyklydyr. Däp bolan dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk döwletara gatnaşyklarynyň ýokary derejesini alamatlandyrýan bu möhüm resminama gol çekmek dabarasyna göni wideoaragatnaşyk arkaly iki ýurduň Liderleri Gurbanguly Berdimuhamedow we Ilham Aliýew gatnaşdylar.

29-njy ýanwarda Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy boýunça kabul edilen Birleşen Milletler Guramasynyň baş Assambleýasynyň degişli Kararnamasy bilen yglan edilen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna resmi taýdan badalga berildi. Şu mynasybetli Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda dabara geçirildi.

Hasabatyň çäklerinde wise-premýer, daşary işler ministri döwlet Baştutanymyzyň garamagyna «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy, baky Bitaraplygynyň 25 ýyllygy, şeýle hem 2021-nji ýylyň «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýip yglan edilmegi mynasybetli halkara maslahatyny, dabaralary we çäreleri geçirmek hakyndaky», «Türkmenistanyň 2021–2030-njy ýyllar üçin daşary söwda Strategiýasyny tassyklamak hakyndaky», «Eksport-import amallary üçin bir penjire» ulgamynyň işini utgaşdyrmak boýunça Pudagara topary döretmek hakyndaky» kararlaryň taslamalaryny hödürledi.

Türkmenistanyň Prezidenti hasabaty diňläp we Kararlara gol çekip, wise-premýere, daşary işler ministrine olary ýerine ýetirmek, şol sanda meýilleşdirilen ähli çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegini üpjün etmek boýunça anyk tabşyryklary berdi.

Türkmenistan ikitaraplaýyn döwletara gatnaşyklaryny ýola goýmak bilen bir hatarda, iri halkara guramalary bilen köpugurly özara hyzmatdaşlygy hem işjeň ösdürýär. Şolaryň hatarynda BMG, ÝHHG, ŞHG, GDA, Goşulyşmazlyk Hereketi we beýleki abraýly halkara guramalary bar.

Dünýäde parahatçylyk söýüji, netijeli daşary syýasaty alyp barýan Bitarap döwletimiziň halkara abraýy yzygiderli ýokarlanýar. Ýurdumyzyň öňe süren köp sanly başlangyçlaryna abraýly halkara guramalarynda düşünmek bilen garalýar we bu başlangyçlar uly goldaw tapýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Bitarap Türkmenistanyň sebitde parahatçylygy we durnukly ösüşi pugtalandyrmaga, hoşniýetli goňşuçylyk ýagdaýyny döretmäge hem-de hyzmatdaşlygy ýola goýmaga uly goşant goşandygyny we goşmagyny dowam edýändigini belledi. Bularyň ählisi Garaşsyz Watanymyzyň dünýäde eýeleýän ornuny berkitmäge we onuň abraýyny ýokarlandyrmaga ýardam berdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, ýurdumyzyň durmuşyndaky her ýylyň belli bir şygar boýunça geçirilýändigini belledi. Şu ýyl üçin şygarymyzy «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýip kesgitledik. Bu sözler uly many-mazmuny özünde jemleýär.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, uly üstünlik, mähriban halkymyza bolsa, abadançylyk arzuw etdi.

# MEETING WITH THE NEWLY APPOINTED AMBASSADOR OF THE ISLAMIC REPUBLIC OF PAKISTAN TO TURKMENISTAN



On the $15^{th}$ of February, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov had a meeting with the newly appointed Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Islamic Republic of Pakistan to Turkmenistan Irfan Ahmed.

In the beginning of the meeting, the parties exchanged warm greetings and best regards. Ambassador Irfan Ahmed expressed gratitude to the Turkmen side for the congratulations in connection with his appointment to the high diplomatic post and assured that he will spend his utmost effort for further strengthening of ties between Turkmenistan and Pakistan.

During the meeting, the parties stated the positive dynamics of the development of bilateral ties in political-diplomatic, trade-economic and cultural-humanitarian spheres. The systematic nature of the dialogue of the Presidents of two countries was noted that gives impulse to cooperation between Turkmenistan and Pakistan.

The diplomats noted the efficiency of partnership between the MFAs. Special emphasis was made on the collaboration on the platform of respected regional and international structures, in particular the UN, the Economic Cooperation Organization and others. It was underlined that Pakistan actively supports the permanent neutrality status of Turkmenistan and on various occasions has co-sponsored the peaceful initiatives of the President of Turkmenistan on the UN platform.

The parties also discussed the level of trade-economic ties, in particular the partnership in the energy sector, and in the field of communications. In this regard, the diplomats underlined the importance of implementing the transnational gas pipeline Turkmenistan-Afghanistan-Pakistan-India (TAPI) and the construction of the power lines and fiber-optic communication on the route Turkmenistan-Afghanistan-Pakistan. The diplomats highlighted the commitment of two countries to the advancement of economic integration in the region.

Also, a constructive exchange of views took place concerning the expansion of cultural and humanitarian ties. The importance of cooperation in the area of education, science and culture was noted.

In the framework of the meeting, the newly appointed Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Islamic Republic of Pakistan to Turkmenistan Irfan Ahmed presented the copies of his credentials to the Turkmen side.

# THE MINISTER OF FOREIGN AFFAIRS HELD A MEETING FOLLOWING THE TASKS SET BY THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN TO THE DIPLOMATIC SERVICE



On February 10, the Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov held an online conference in the premises of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan with the heads of diplomatic missions and consular offices of Turkmenistan abroad.

The session that was held in hybrid format was also attended by the heads and staff members of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, the Institute of State, Law and Democracy of Turkmenistan, the Institute of International Relations of the MFA of Turkmenistan and the International University of Humanities and Development.

The meeting was dedicated to the outcomes of the videoconference of the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov with the leadership of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan system held the day before. Addressing the participants of the meeting, R.Meredov noted that the President of Turkmenistan highly appraised the external policy and diplomatic activities of the state which in turn adds greater responsibility on all employees of the system of the MFA and motivates to continue further the constructive work.

The tasks set by the head of state on embracing international practice in the area of humanitarian law and science, transfer to digital diplomacy and training of highly qualified workers who obey the legacy of wise Turkmen ancestors and have high patriotic feelings were thoroughly considered. The importance of strengthening scientific basis and promoting the transport, energy, water, scientific and sport diplomacy of the state was emphasized.

The Foreign Minister cited an example of the words of President Gurbanguly Berdimuhamedov who said that the main mission of the diplomatic service should be further development of external policy course of Turkmenistan based on the principles of humanism and good neighborliness taking into account the permanent neutrality status.

It was also advised to carry out the events dedicated to the 30th anniversary of Independence of Turkmenistan and proclamation of the year 2021 in the country as "Turkmenistan – Homeland of Peace and Trust" on the high level.

The head of external policy agency stressed the historic importance of the session that was held by the head of state. As in the framework of that session, the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov signed a Resolution, according to which a Mark of distinction "Türkmenistanyň ussat diplomaty" is established.

The Turkmen diplomats received this news with the feeling of deep respect and honor, and assured to continue realizing tirelessly the tasks assigned to them.

Интернет газета
Международные новости

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Президент Туркменистана пообещал обеспечить народ вакцинами от COVID в случае необходимости***

Об этом глава государства заявил на совещании по развитию здравоохранения, образования и науки.

Президент Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов отметил, что в настоящее время во многих странах мира широко распространилась коронавирусная инфекция. В Туркменистане были своевременно приняты все необходимые меры по предотвращению этой болезни.

«Пользуясь этим случаем, я хочу обратиться к нашим соотечественникам, дорогому народу. Недавно в нашей стране были зарегистрированы две высококачественные, безопасные вакцины, и мы продолжаем эту работу. В соответствии с этим наши граждане не должны беспокоиться по поводу этой опасной инфекции. Нужно жить с уверенностью в завтрашнем дне, с воодушевлением. В случае необходимости мы полностью обеспечим наш народ этими вакцинами», - заявил Глава государства.

Президент призвал жителей страны соблюдать требуемые работниками здравоохранения, нормы и правила санитарии.

***В Туркменистане в рамках регионального проекта FAO откроют полевые школы для фермеров***




Эта идея будет реализована в рамках регионального проекта Продовольственной и сельскохозяйственной организации ООН (ФАО) «Комплексное управление природными ресурсами на засушливых и засолённых территориях Центральной Азии и Турции», который реализуется в Туркменистане при участии Министерства сельского хозяйства и охраны окружающей среды.

На базе полевых школ, которые планируется пилотировать в Нохуре и в этрапе им.Гурбансолтан-эдже, будет проводиться изучение и распространение новых практик, распространение технических и методических материалов, оказание консультативных, технических и технологических услуг, проведение обучающих занятий и встреч с сельхозпроизводителями.

Подспорьем в обучении станет стационар Национального института пустынь, растительного и животного мира - «Каррыкуль», расположенный в Центральных Каракумах, с которым проект намерен развивать сотрудничество.

Институт имеет многолетний опыт освоения Каракумов, сохранения экосистем, разработки по закреплению подвижных песков, повышению урожайности пастбищ.

***ВВП Туркменистана в 2020 году вырос на 5,9%***

Рост ВВП Туркменистана по итогам 2020 года составил 5,9%, заявил Президент Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов на состоявшемся расширенном заседании кабмина страны.

По словам туркменского лидера, в стране было создано около 12 тыс. новых рабочих мест. В строительную отрасль инвестировано более 38 млрд. долл. Введено в эксплуатацию 45 крупных производственных и социальных объектов общей стоимостью 8 млрд. долл.

В ходе заседания также был утвержден ряд новых госпрограмм и стратегий развития Туркменистана.

***Туркменистан и ЕБРР ведут переговоры по государственным проектам***

Туркменистан и Европейский банк Реконструкции и Развития (ЕБРР) ведут переговоры о потенциальном участии в государственных проектах. В этой связи ЕБРР заявил, что банк развивает проекты частного сектора Туркменистана. Что касается отдельного участия ЕБРР, то банк предоставил данные о проектах с отдельными компаниями.

Как известно, ЕБРР и Туркменистан реализуют новые совместные проекты в 2021 году, которые были запланированы на середину января 2021 года. С начала деятельности ЕБРР в стране банк подписал 80 проектов.

Поддержка развития частного сектора является одним из ключевых стратегических приоритетов ЕБРР в Туркменистане.

ЕБРР предоставляет финансирование частным компаниям, занимающимся производством, переработкой и дистрибуцией продуктов питания, логистикой, транспортными услугами, упаковкой, мебелью, гостиничным бизнесом и др.

***Генеральный консул Туркменистана в Российской Федерации встретился с Ректором КГЭУ и туркменскими студентами***

В Казанском государственном энергетическом университете (КГЭУ) состоялась встреча Генерального консула Туркменистана в Российской Федерации (г.Казань) А.Х.Байрамова с Ректором КГЭУ Э.Ю.Абдуллазяновым.



В ходе встречи стороны обсудили вопросы дальнейшего укрепления туркмено-российских отношений в области образования и науки. Было отмечено, что между Государственным энергетическим институтом Туркменистана и КГЭУ 23 июня 2019 года был подписан Меморандум о сотрудничестве, для реализации которого сторонами в настоящее время выполняются конкретные мероприятия. Особое внимание было уделено качеству подготовки будущих туркменских специалистов, условиям их проживания в общежитиях, вовлеченности в повседневную жизнь вуза и т.д.

Затем состоялась встреча с туркменскими студентами, обучающимися в КГЭУ. В ходе встречи была отмечена приверженность дипломатического учреждения оказанию всей необходимой поддержки туркменским студентам для получения высококачественного образования на территории Российской Федерации. Также Генеральное консульство призвало туркменских студентов активно участвовать в проводимых спортивных, культурных и иных мероприятиях, подключиться к работе вуза, нацеленной на улучшение как теоретических, так и практических навыков студентов.

По итогам встречи еще раз была подчеркнута эффективность реализованных мероприятий в рамках ранее подписанных с туркменской стороной документов, а также была выражена готовность к дальнейшему расширению двустороннего сотрудничества.

***Перевыполнен план строительно-промышленного сектора Туркменистана***

План по производству продукции и осуществлению работ в строительно-промышленном секторе Туркменистана за первый месяц 2021 года перевыполнен на 31,6 процента.

Министерство промышленности и строительного производства перевыполнило план по выпуску продукции и реализации работ на 20,4 процента, при темпе роста 20,6 процента за январь текущего года.

По административному центру города Ашхабад план по произведённым работам и предоставляемым услугам перевыполнен на 14,4 процента.

Также за январь-декабрь 2020 года план по производству продукции и оказанию услуг в строительно-промышленном секторе Туркменистана был перевыполнен на 18,4 процента, темп роста составил 22,5 процента.

***Туркменистан и Узбекистан будут развивать сотрудничество в химической и транспортно-коммуникационной сферах***

Руководители отраслевых ведомств Туркменистана и Узбекистана в режиме видеоконференцсвязи обсудили вопросы взаимных поставок химических удобрений и организации транзита внешнеторговых грузов по территории двух стран.

В мероприятии, организованном при содействии Посольства Узбекистана в Туркменистане, приняли участие председатель правления АО «Узкимёсаноат» Журабек Мирзамахмудов, заместитель председателя правления АО «Узбекистон темир йуллари» Акмал Камалов, председатель правления ГК «Туркменхимия» Ниязлы Ниязлыев и заместитель Генерального директора АООТ «Демирёллари» Мердан Ташлиев, а также ответственные сотрудники заинтересованных ведомств двух стран.



По итогам переговоров были достигнуты конкретные договоренности о дальнейшем углублении сотрудничества между Туркменистаном и Узбекистаном в химической и транспортно-коммуникационной сферах.

***Туркменская компания «Акыллы Тилсимат» – официальный представитель Академии «Cisco»***

Сетевая академия Cisco – некоммерческая образовательная программа, нацеленная на фундаментальную подготовку IT-специалистов по таким направлениям, как сети передачи данных, кибербезопасность, программирование, системное администрирование, интернет-магазин. Она действует в 180 государствах, включая большинство стран СНГ. Сегодня она работает и в Туркменистане.

Это уникальная программа в сфере высоких технологий, которая использует смешанную модель образования, сочетающую удалённое обучение с занятиями под руководством преподавателей, а также включает в себя множество практических работ по всем направлениям подготовки.

Благодаря сертифицированным преподавателям, которые работают в «Акыллы Тилсимат», слушатели получают возможность приобрести знания и навыки, необходимые для работы в условиях все более технологически зависимой экономики.

Отметим, что ХО «Акыллы Тилсимат» специализируется на разработке и внедрении системных решений в области современных информационных технологий, создания бизнес-стратегий и оптимизации бизнес-процессов, а также на проведении маркетинговых исследований.

***Показатели транспортно-коммуникационного комплекса в Туркменистане возросли***

Производственный план по транспортно-коммуникационному комплексу Туркменистана перевыполнен на 6,6 процента за январь 2021 года.

План в сфере грузоперевозок и грузооборота по автомобильному, железнодорожному, воздушному и морскому транспорту перевыполнен на 4,6 и 6,2 процента. Темпы роста по агентству «Туркменарагатнашык» равны 6,8 процента.

Производственный план по вышеупомянутым структурам в прошлом году был перевыполнен на 23 процента.

Напомним, что в январе-ноябре 2020 года по транспортно-коммуникационному комплексу Туркменистана производственный план был перевыполнен на 19,4 процента.

В Туркменистане за этот период план в сфере грузоперевозок по автомобильному, железнодорожному, воздушному и морскому транспорту был перевыполнен на 13,6 процента, в сфере пассажироперевозок - на 0,5 процента.

Темпы роста по агентству «Туркменавтотранспорт» увеличились на 2 процента, агентству «Туркменские железные дороги» - на 7,4 процента, агентству «Туркменские морские и речные пути» - на 11,2 процента.

***Власти ЕС изучают юридические и технические вопросы по возможности введения цифрового евро***

Еврокомиссия и Европейский центральный банк изучают технические и юридические вопросы для возможности введения цифрового евро, сообщил исполнительный вице-президент ЕК Валдис Домбровскис, выступая в Европарламенте.

Домбровскис отметил, что цифровой евро может поддержать цифровизацию экономики Евросоюза. При этом Еврокомиссия считает цифровизацию одним из важнейших элементов развития ЕС.

*Материалы подготовлены на основе интернет-источников.*